Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen güneşli Watanymyzda toýlar toýa, baýramlarymyz baýramlara ulaşýar. Gözbaşyny irki döwürden alyp gaýdýan, pasyllaryň soltany bahar paslynda bellenilýän Nowruz baýramy Gündogaryň beýleki halklary bilen birlikde türkmen iliniň hem uludan tutýan toýlarynyň biridir.

2010-njy ýylda Birleşen milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy her ýylyň mart aýynyň 21-ine Halkara Nowruz güni  diýip yglan etmek baradaky Karar kabul etdi. Bu baýramçylyk Gündogar halklarynyň taryhy-medeni gymmatlyklaryny dünýä ýaýmaga uly goşant goşýar.

Bahar hemişe tebigatyň janlanmagy bilen baglanyşdyrylypdyr, ol täzelenşiniň üýtgewsiz nyşany bolmak bilen, şatlyk we tebigata janlanyş getiripdir. Nowruz iň gadymy döwürden bäri belli bolan täze ýyl baýramydyr. Mukaddes «Awesta» kitabynda ol täze ýylyň başynyň ýazky gije-gündiziň deňleşýän wagtyna gabat gelýändigi barada bellenilýär. Şonuň üçin bolsa gerek «Ýylyň nähili boljakdygy  Nowruzdan görüner» diýen pähim öňden bellidir. Nowruzyň öňi syrasynda ot ýakylyp, ondan obanyň ilatynyň ählisi böküp geçip, günälerini ýuwupdyrlar. Nowruzda esasan ösümliklerden taýýarlanylan tagamlary iýipdirler. Et we süýjilikler goşulan tagam uly gazanlarda bişirilipdir. Baýramçylyk saçaklarynyň başyna, şol gün öýe gelenleriň ählisi geçipdirler.

Halkara Nowruz baýramyny bellemek däbi bize ata-babalarymyzdan galan ajaýýyp baýramçylykdyr. Halkara Nowruz milli baýram hökmünde halkymyzyň urp-adatlaryna, däp-dessuryna ebedilik ornaşypdyr. Şeýle-de, ir döwürlerden bäri bellenip  gelinýän Nowruzda ýedi dürli däneli ekinden ýedi dürli tagam taýýarlanyp birek birege hödür-kerem edilipdir. Onuň iň datly tagamlarynyň biri hem semenidir. Mundan başgada, baýramçylyk däplerine görä, at çapdyrypdyrlar, milli oýunlarymyzy oýnapdyrlar, göreş tutupdyrlar. Şäherleriň we obalaryň köçelerinde Nowruzyň gelýänini duýduryp, jarçylar jar çekipdirler, halky oýunlar bilen bahary garşy alypdyrlar. Gyzlar läle kakyp ýigitler at çapyp bäsleşipdirler. Mahlasy bu baýramda uly-kiçi hemmäniň kalby diňe hoşniýetli arzuw umytlara beslenipdir.

**Mähri DAŇATAROWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025